# Alymlaryň arasyndaky gapma-garşylyklar.

Onuň sebäpleri we biziň bu babatynda ornumyz.

2018 - 2019

Ýazyjy: Şeýh Muhammed bin Solyh Useýmiýn Rahumahullah

Terjimeçi: Türkmen halk ogly

# Alymlaryň arasyndaky gapma-garşylyklar.

## Onuň sebäpleri we biziň bu babatynda ornumyz.

Ýazyjy: Şeýh Muhammed bin Solyh Useýmiýn

Rahumahullah

Terjimeçi: Türkmen halk ogly

Ikinji çap.

Ähli soraglary elektron poçtalaryň üsti bilen berip bilersiňiz.

Pygambermirasy1@gmail.com

Kuranwehadys@gmail.com

Başga-da kitap ýüklemek üçin: kuranwehadys.com

بِسْمِ اللَّهِ الرَّحْمَنِ الرَّحِيْم

Hamd-senalar Allaha mahsusdyr, Oňa hamd aýdýarys, Ondan ýardam we bagyşlamagyny soraýarys, Onuň öňünde toba edýäris. Nebislerimiziň şerinden we amallarymyzyň erbetliginden Oňa sygynýarys. Allahyň dogry ýola salanyny hiç bir azaşdyryp biljek we azaşdyranyny bolsa dogry ýola salyp biljek bolmaz. Şärigi bolmadyk ýeke Allahdan başga ybadata hakly ilähiň ýokdygyna şaýatlyk edýärin we Muhammedem Allahyň ilçisi we gulydygyna şaýatlyk edýärin. Goý Allah oňy, maşgalasyny, egindeşlerini  we ony kyýamat gününe deňeç eýerjekleri Öz huzuryndakylarynyň ýanynda öwsün we asuda, parahat etsin.

**“Eý, iman getirenler! Allahdan Oňa mynasyp görnüşde (çyn ýürekden) gorkuň (Oňa garşy çykmakdan saklanyň) we diňe musulman ýagdaýdan başga halda jan bermäň!”** (Äli-Ymron 102)

**“Eý, ynsanlar! Sizi ýeke-täk bir jandan (Adam atadan) ýaradan, ondan hem aýalyny (How enäni) ýaradyp, ol ikisinden bolsa, ençeme erkekleri we aýallary köpelden Perwerdigäriňize garşy çykmakdan saklanyň! Onuň (Allahyň ady) bilen biri-biriňizden soran wagtyňyz, Allaha (hormat goýmazlykdan) we öz araňyzdaky garyndaşlyk gatnaşyklaryny (saklamazlykdan) gorkuň! Takyk, Allah siziň üstüňizden gözegçilik edip durandyr.”** (Nisä 1)

**“Eý, iman getirenler! Allahdan gorkuň we dogry sözläň! (Eger şeýle etseňiz) Allah siziň işleriňizi ugruna eder we günäleriňizi geçer. Kim Allaha we Onuň ilçisine tabyn bolsa, ol örän uly üstünlige ýeter.”** (Ahzab 70-71)

Bu mesele köp kişiniň soragy bolup durýar. Kimdir biri: “Näme üçin bu mowzugy saýlap aldyň, mundan başga has möhümlerem bara?” diýmegi mümkin, ýöne welin bu mowzuk biziň wagtymyzda köp kişiniň aňyna gelýän pikir bolany üçin, şeýle adamlaryň aňyna diýmäýin, hatda din ylmy öwrenýänleriň aňyna gelýän sorag bolup durýar. munyň sebäbi habar serişdeleriniň köpelmegi, gören ýeteniň din babatynda gürläbermegi adamalarda saýgarmazlyk döretdi, hasam beter gapma-garşylyklara düşünmeýän kişilerde. Musulmanlarda derejesi uly bolan şu sebäpli hem (Allahdan ýardam sorap) şu barada gürlemegi has dogry gördüm.

Allah Tagala (alymlaryň arasyndaky) gapma garşylygy diniň esaslarynda ýada din alynýan çeşmeler etmedigi, Onuň şu ymmata beren nygmatydyr. Gapma-garşylyk diňe musulmanlaryň birligine zeper ýetirmeýän zatlarda boldy. Bu babatyndan geljekki bölümlerde açyklamakçy.

**Birinji:**

Ähli musulmanda belli bolan we olaryň Allahyň kitabyndan we Resulynyň (Sallallahu aleýhi we sellem) sünnetinden düşünen zatlary, Allah Tagala Muhammedi dogry ýol we dogry din bilen ugratmagy. Bu bolsa Allahyň Resulynyň (Sallallahu aleýhi we sellem) bu dini soň beýana mätäç däl görnüşinde, doly ýeterlikli aýdyň açyk edip, beýan etmegini öz içine alýar. Sebäbi dogry ýol bolanda azaşmaklygyň ähli manylaryna garşy bolýar, dogry din bolanda Allahyň ähli razy bolmajak puç bolan dinlerine garşy bolýar. Allahyň Resuly (Sallallahu aleýhi we sellem) dogry ýol we dogry din bilen ugradyldy, onuň (Sallallahu aleýhi we sellem) zamanasynda adamlar düşünişmezlik ýüze çyksa, oňa (Sallallahu aleýhi we sellem) dolanardylar, ol (Sallallahu aleýhi we sellem) bolsa olara dogryny açyklap, aýdyňlap bererdi. Bu düşünişmezlikleri Allahyň sözlerinde bolsun, ýa intäk hökümi inmedik Allahyň hökümlerinden bolsun, soňra Kurandan aýat inip açyklardy. Bilşimiz ýaly Kuranda köp gabat gelýän: “Senden plan zat barada soraýarlar” diýlen aýatlarda, Allah Tagala pygamberinden soralan zada jogap edip, adamlara ýetirmegi emir edip indirerdi.

**“(Eý, Muhammet!) Olar senden özleri üçin nämäniň halal edilendigini soraýarlar. (Olara) aýt: «Ähli päk zatlar size halal edildi. Allahyň size öwreden zatlary bilen tälim berip ýetişdiren awçy haýwanlaryňyzyň siziň üçin tutan awlaryndan iýiň we (olary awlamaga salanyňyzda) Allahyň adyny aýdyň! Allahdan gorkuň! Takyk, Allah gaty tiz hasaby eduwjydyr.”** (Maide 4)

**“Olar senden (Allahyň ýolunda) nämäni haýyr-sahawat etmelidigi barada soraýarlar. (Olara): «Özüňizden artyk zady (beriň!)» diýip aýt. Siziň pikirlenmegiňiz üçin Allah size aýatlaryny şeýdip, beýan edýär.”** (Bakara 219)

**“(Eý, Muhammet!) Senden oljalaryň (nähili paýlanylmaklygy hakynda) soraýarlar. Sen olara: «Olja (paýlaşmagyň hökümi) Allaha we pygambere degişlidir. Şonuň üçin, eger hakyky mömin bolsaňyz,**

**Allahdan gorkuň, birek-biregiň arasyny düzediň, Allaha we Onuň ilçisine boýun boluň!» diýip aýt."** (Enfal 1)

**"Senden hilal (täze dogan aý) hakda soraýarlar. Sen olara: «Ol (hilal) ynsanlaryň (dini, dünýewi işleri) we haj parzy üçin wagt ölçegleridir» diýip aýt. Siziň öýlere arka tarapyndan girmegiňiz gowulyk (sogap) däldir. Gowulyk (sogap) takwa bolmakdyr (haram zatlardan saklanmakdyr). Siz öýlere (yhram baglanyňyzda) gapylaryndan giriň! Halas bolmagyňyz üçin Allahdan gorkuň!"** (Bakara 189)

**"Senden haram aýda söweş (edip-etmezlik) barada soraýarlar. (Olara): «Ol aýda söweşmek uly günädir. Emma (ynsanlary) Allahyň ýolundan sowmak, Ony (Allahy) inkär etmek we (hajylaryň) Mesjidi-Harama (zyýaratyna päsgel bolmak), onuň (Käbäniň) halkyny ol ýerden çykarmak Allahyň ýanynda has uly günädir. Pitne (şirk) adam öldürmekden hem has ýowuz (işdir)» diýip aýt. Güýçleri ýetse, olar (kapyrlar), tä sizi diniňizden ýüz öwürdýänçäler, size garşy söweşerler. Sizden kim-de-kim dininden dänse we kapyr bolup ölse, onuň dünýäde-de, ahyretde-de ähli amallary puç bolar. Olar dowzahydyrlar we ol ýerde ebedi galarlar."** (Bakara 217)

Bulardan başgada ençeme beýle aýatlar kändir.

Ýöne welin Resulyň (Sallallahu aleýhi we sellem) öleninden soňra, yslam ymmatynda diniň esasyna we çeşmesine zyýan bermeýän gapma-garşylyklar ýüze çykdy. Bu ýerde gapma-garşylyklaryň näme sebäpli ýüze çykýanyny açyklarys (Inşäallah). Bizin ählimiz ylymly, dinine, amanatçylygyna ynanýan kişimiziň, Allahyň kitabyna we Resulynyň sünnetine bilip garşy gitmejegini doly bilýäris we ynanýarys. Sebäbi ylym we din waspy bilen wasplanan hökman adamlara dogry görkezýan başlary bolýandyr. Kim haky görkezýän bolsa Allah oňa haky ýeňilleder. Şu aýatlary pikirlende gör:

**"Kasam bolsun! Biz, ýatlamak[1] üçin Kurany ýeňilleşdirdik. (Eýsem) hany, ýatlaýan barmy?"** (Kamar 17)

**"Kim (emlägini Allahyň ýolunda) sarp etse, günälerden saklansa we iň gowyny (Allahyň birligini) tassyklasa, Biz oňa (ähli haýry etmegi we ähli şerden daşlaşmagy) aňsatlaşdyrarys.** (Leýl 5-7)

(1) Ýatlamagyň içine şular girýär: öwrenmek, ýat almak, ybrat almak, öwüt almak.

Ýöne ol ymamlardan ýokarda aýdyşymyz ýaly diniň esaslarynda dälde, Allahyň hökümlerinde ýalňyş çykmagy mümkin, bu bolsa bolaýmaly zat, sebäbi Allah Tagala ynsany şeýle wasp bilen açyklady:

**“ynsan juda ejiz (halda) ýaradylandyr.”** (Nisä 28)

Ynsanyň aňy we ylmy juda ejiz, gowşak. Ol doly we gurşap almakda hem ejiz, gowşak. Bu sebäpli hem käbir zatlarda ýalňyşlyga gaçyp bilýär. Biz alymlaryň ýalňyşa gaçmaklarynyň sebäplerini gysgaldyp ýedi sebäp edip ýazmakçy, hakykatda bolsa ondanam has köp, bu ýerde esasylarynyň üstlerinde durup geçeris.

# 1-nji sebäp

## Ýalňyşan alyma delil ýetmezlik.

Bu sebäp diňe sahabalardan soňkulara degişli bolman, eýsem sahabalarada, yzyndakylarada degişlidir. Sahabalarda bolan mysal getireýin.

1nji mysal:

Sahyh Buharyda we başgasynda gelen hadysy bilýäris, ol hadysda Omar bin Hattab (Razyýallahu anhu) Şama sapar edýär, ýolda barýarkalar ol ýerde ýokanç gyrgyn keseliniň bardygyny eşidýärler we sahabalar bilen: “Şama girmelimi ýa yza dolanmalymy” şu barada maslahat edýärler, bu soraga jogap, käbiri girmegi we käbirler dolanmagy saýlaýarlar. Şo maslahata Abdurrahman bin Awf (Razyýallahu anhu) bir sebäpli gatnaşmaýar we gijä galyp gelende netijelerini eşideninden soňra, Allahyň Resuly (Sallallahu aleýhi we sellem) şeýle diýenini eşidenini aýdýar: **“Egerde bir ýerde ýokanç gyrgyn keseliniň bardygyny eşitseňiz ol ýerik barmaň we içinde wagtyňyz şo kesel ýaýraýsa, ondan gaçyp, ol ýerden çykmaň”**

Bu hököm uly muhäjir we ansarlardan bolan sahabalara tä Abdurrahman bin Awf gelýänçä mälim bolmandy.

2nji mysal:

Aly bin Ebu Tolyb we Abdullah bin Abbas (Razyýallahu anhum) ýoldaşy ölen göwreli zenan 4 aý 10 gün bilen göwresindäkini eline aljak

wagtlaryň haýsysy has uzak bolsa şoňa göra yddada[1] oturmalydygyny dogry görenler. Ýagny egerde ýoldaşynyň öleninden soňra 4 aý 10 günden öň çagany eline alsa, 4 aý 10 günläp yddada oturýar, egerde 4 aý 10 gün geçibem eline almasa, eline alýança yddata oturmaly.

Sebäbi Allah Tagala Kuranda şeýle diýýär:

**"Hamyla aýallaryň yddatlary çagalaryny dogran badyna gutarýar."** (Talak 3)

**"Siziň içiňizden ärleri ýogalan aýal maşgalalar dört aý on gün özbaşyna (yddata) garaşsyn (äriniň öýünden çykmasyn, bezenmesin we durmuşa-da çykmasyn)."** (Bakara 234)

Bu aýatlarda görşümiz ýaly birinde çagany dogýança yddada oturmalydygyny we beýlekisinde 4 aý 10 gün oturmalydygyny aýdýar. Bu iki beýik sahaba iki aýaty jemläp ýokarky aýdan sözümizi diýenler. Emma pygamberden (Sallallahu aleýhi we sellem) gelen zat bu beýik sahabalaryň aýdanyndan has ýokarda, pygamberden (Sallallahu aleýhi we sellem) gelen hadysda bolsa Subeýga El-Eslemiýýe ýoldaşy ýogalanyndan soňra, az wagtdan çagasyny eline alandan soňra pygamber oňa durmuşa çykmagy rugsat berýär. Egerde şu hadys bu iki beýik sahabalara ýeten bolsa, hökman şu hadysy alyp şuňa görä boljaklaryny anyk bilýärin.

# 2-nji sebäp

Kä halatda hadys ýetibem biler, ýöne hadysy getirene ynanman başga hadysy bu hadysdan hasda güýçli hasap edip, almaklyk mümkinçiligi bolup biler.

Bu babatyndanda sahabalardan mysal getireýin.

Fatyma bint Kaýsyň (Razyýallahu anhä) ýoldaşy 3 gezek talagyny bereninden soňra, ýoldaşy wekilinden Fatyma bint Kaýsa (Razyýallahu anhä) arpa iberýär, muňa gazaplanan Fatyma arpany almakdan ýüz öwürýär we bu hallary pygambermize (Sallallahu aleýhi we sellem) baryp ýetýär. Pygamber (Sallallahu aleýhi we sellem) göwreli bolmasa, 3 gezek

(1) Ydda – ýagny ýoldaşy ölen zenanyň bezenmän, ýoldaşynyň öýünden çykman we durmuşa çykman garaşmaly wagtyna aýdylýar.

talagy berlen zenany eklemek, jaý bilen üpjün etmek ýoldaşyna parz däldigini aýdýar[1]. Emmä göwreli bolana Allah Tagala şeýle diýýär:

**“Eger olar (3 gezek talak beren aýallaryňyz), hamyla bolsalar, çagalaryny dogurýança eklençlerini beriň!”** (Talak 6)

Omar bin Hattaba (Razyýallahu anhu) pygamberiň (Sallallahu aleýhi we sellem) bu hökümi mälim bolmadyk, şo sebäpli hem, 3 gezek talak berlen göwreli bolmadyk zenany yddasyndan çykýança ýoldaşyna eklemegi we jaý bilen üpjün etmegi parz gören. Fatymanyň hadysyna bolsa “Ýadyna düşýandigini ýada ýadyndan çykarandygyny bilmeýän zenanymyzyň gepi üçin Robbumyzyň sözüni taşlalyňmy?” diýip sözini alman gaýtarýar. Ýagny, Möminleriň emiri Omar (Razyýallahu anhu) bu delile arkaýyn bolmadyk, bu ýagdaý bolsa Omarda bolşy ýaly onça ýoklarda, tabygynlerde we tabygynlerden soňkularda, şu günimizdäkilerde-de bolýar. Kyýamat gününine deňeç hem kişiniň gelen deliliň dogrudygyna ynanyp bilmezligi bolup biler. Alymlaryň bir hadysyň sahyhdygyny görüp şo hadysy alýarlar, başgalaryň bolsa ol hadysy gowşak görüp, pygamberden (Sallallahu aleýhi we sellem) bize deňeç getirenlere ynanman ol hadysy almaýandyklaryny näçe gabat gelýäris.

# 3-nji sebäp

Belkemde hadys oňa ýetibem, ony ýatdan çykaryp biler.

Sebäbi diňe Allah Tagala ýatdan çykarmaýar. Näçe kişileriň hadyslary ýatdan çykaranyna gabat gelýäris?! Aýat ýatdan çykaranlaryna-da kän gabat gelýäris.

Bir gün Wahyý inýän Allahyň Resuly (Sallallahu aleýhi we sellem) sahabalarynyň öňünde ymam bolup namaz okandan bir aýaty ýatdan çykaryp taşlap gidýär, namazyny tamamlanyndan soňra Ubeý bin Kaba (Razyýallahu anhu): **“Maňa ýatladan bolsan bolmaýardymy?!”** diýýär[2].

Allah Tagala oňa şeýle diýdi:

---

(1) Sahyh Muslim
(2) Ebu Daud

**“Biz saňa (Kuran) ýatladarys, sen hem ondan Allahyň isläninden başga hiç bir zady unutmarsyň! Sebäbi Ol (siziň üçin) äşgär bolany hem, gizlin bolany hem gowy bilýändir.”** (Agla 6-7)

Ýene muňa mysal:

Omar bin Hattab bilen Ammar bin Ýasiri (Razyýallahu anhumä) Allahyň Resuly bir ýerik iberende, ikisi hem ýatyrkalar şeýtanlaýarlar. Ammar suw bolmanlygy sebäpli düýäniň topraga bulanşy ýaly topraga bulanýar, toprak suw bolmadyk ýerinde suwa derek arassalanmaga bolýar diýen düşünjäni alýar we namaz okaýar. Emma Omar bolsa namaz okamaýar. Haçanda Allahyň Resulynyň ýanyna gelip bolan zady aýdanlarynda Allahyň Resuly (Sallallahu aleýhi we sellem): “Iki ellerini topraga urup elleriniň daşlaryny soňra, elleri bilen ýüzlerini syrmaklygyň ýetikdigini” aýdýar. Şu hadysy Ammar hem Omar bin Hattabyň halyfa döwründe we hem ondan ozalam adamlara aýdyp öwrederdi, bir gün Omar Ammary çagyryp: “Adamlara aýdýan bu hadysyň näme” diýip soraýar. Ammar ikisiniň düşen hallaryny we pygamberiň olara ýokarky öwreden zadyny aýdanynda, Omaryň ýadyna düşmeýär[1]....

# 4-nji sebäp

Belkem hadys ýetip biler, ýöne hadysyň myradyna ters görnüşde düşünilip biler.

Muňa iki mysal getireýin, birinjisi Kurandan, ikinjisi sünnetden.

**Kurandan:**

**“Eger hassa, ýolagçy ýa-da aýak ýolundan gelýän bolsaňyz ýa-da aýallaryňyza degseňiz, gusul almaga suw tapmasaňyz, onda tämiz topraga teýemmum (teýim) edip, arassalanmak niýeti bilen ýüzüňize we elleriňize mesh ediň!”** (Nisä 4, Maide 6)

Alymlar (Rahymahumullah) Allahyň: **“aýallaryňyza degseňiz”** diýen ýerinde 3 görnüşli gapma-garşylykly düşündiriş berdiler:

Käbirleri “islendik  görnüşde degilse” diýdiler.

Başgalary “Şöhweti turuzýan görnüşde degilse” diýdiler

(1) Sahyh Buhary

Başgalary “Är-aýal gatnaşygy” diýdiler. Muny diýenleriň içinde Ibn Abbas (Razyýallahu anhu) hem bar.

Egerde aýaty pikirlenseň **“aýallaryňyza degseňiz”** diýen ýeriniň manysy “aýallaryňyz bilen aragatnaşyk etseňiz” diýen manynyň dogrudygyny bilersiň. Sebäbi Allah Tagala aýatyň başynda suw bilen hem uly täreti hem kiçi täreti agzap geçdi, soňra teýemmum etmege gelende hem uly hem kiçi täreti agzady. Bu bolsa arap diliniň çeperçiligine tüýs laýyk gelýän zat bolup durýar. Egerde bu aýatdaky “degseňiz” diýen ýerini göni alyp, är-heleý aragatnaşyk dälde islendik degmek diýip alsak, Allah Tagala teýemmum agzanda iki kiçi täreti bozýan zatlary agzadygy bolup, onda uly täreti bozýan zat barada agzalmadygy bolar. Bu bolsa Kuranyň çeperçiligine garşy gelýän zat bolup durýar.

Dogrusy bolsa erkek kişiniň bir ýeri zenanyň tenine degse ýada şöhwet bilen ellese-de täretiniň bozulmaýany. Sebäbi Allahyň Resuly (Sallallahu aleýhi we sellem) käbir hatynlaryny öpüp, täret alman namaz okany habar berildi. Bu habar ençeme ýol bilen bir-birini güýçlendirýän ýollar bilen gelen.

**Sünnetden:**

Haçanda Allahyň Resuly (Sallallahu aleýhi we sellem) Ahzab söweşinden dolanyp, uruş ýaraglaryny goýanyndan soňra, Jibril (Aleýhisseläm): “Biz (Perişdeler) ýaraglarymyzy goýmadyk, Beni Kureýza[1] tarap çykyň” diýýär. Allahyň Resuly (Sallallahu aleýhi we sellem) sahabalara olar (Beni Kureýza) bilen söweş etmäge çykmagy buýrup: **“Ýeke biriňizem ikindini Beni Kureýzadan başga ýerde okamasyn”** diýýär. Sahabalaryň bu hadysa dürli görnüşde düşünýärler. Käbirleri Allahyň Resuly (Sallallahu aleýhi we sellem); “Sahabalaryň tiz Medineden çykyp, ikindi wagtyna deňeç Beni Kureýzada bolmaklaryny isläp” şeýle diýenini düşünýär we ikindi wagty gelende ýolda ikindi namazyny okaýarlar.

Başgalary bolsa: “Ikindi namazynyň wagty çyksa-da Beni Kuraýzada okamaly” diýip düşünýärler we namazlaryny ikindiniň wagty çykanyndan soňra, Beni Kuraýza ýetenlerinden soň okaýarlar.

Şek şübhesiz bularyň dogrusy namazy wagtynda okanlaryň pikiri bolup durýany, sebäbi namazy wagtynda okamaklyk barada gelen deliller

(1) Şu söweşde Beni Kureýzadaky ýehudlar, Allahyň Resuly bilen baglanşan şertnamalaryny pozup, Müşriklere goşulyp, Allahyň resuly (Sallallahu aleýhi we sellem) we sahabalara garşy şöweşe girýärler.

muhkem[1], emma bu hadys muştebih[2]. Muştebih bilen muhkem gapmy garşy gelen halynda, muştebih muhkeme görä düşünilýär. Diýmek alymlaryň arasyndaky bir meselede dürli görüşdäki garaýyşlaryň bolmagy, delile Allahyň we Resulynyň maksatlaryna dogry gelmeýän manyda düşünmekleri hem bir sebäbi eken.

# 5-nji sebäp

Belkem hökümi ýatyrylan hadys ýetip, onuň höküminiň ýatyrylanyny bilmän biler.

Ol hadys sahyh we manysy hem açyk hem bolup biler, ýöne welin hökümi ýatyrylan bolup, alym hem bu hadysyň hökümi ýatyrylanyny bilmän biler, bu ýagdaýda bu alym uzurly hasap ediler, sebäbi aýat-hadyslar hökümi ýatyrylmadyk diýlip kabul ediler tä haýsydyr biriniň hökümi ýatyrylanynyň delili gelýänçä.

Muňa bolsa Ibn Mesgut (Razyýallahu anhu); "Ynsan namazda rukug edende ellerini nirede goýmaly?" diýen soraga, bolan düşünjesi mysal bolup biler. Yslamyň başynda namaz okaýan rukug edende ellerini dyzynda goýman, iki dyzynyň arasynda elleri uzadar ekeni, soňra munyň hökümi ýatyrylyp, elleri dyzlarda goýulmaklyk buýrulýar[3]. Ibn Mesgut (Razyýallahu anhu) bolsa munyň hökümi ýatyrylanyny bilmän, rukugda ellerini dyzlarynyň arasynda goýup okar ekeni. Bir gün gapdalynda Alkama bilen Eswed namaz okanlarynda bularyň rukugda ellerini dyzlarynyň üstünde goýanlaryny görüp, olara beýle etmegiň dogry däldigini we dogrusy ellerini iki dyzlaryň arasynda uzadylmalydygyny öwredýär. Sebäbi bu sahaba beýle edilmeginiň hökümi ýatyrylanyny bilmedik.

Allah Tagala aýtdy:

**"Allah hiç kime güýjüniň ýetmejek zadyny ýüklemez (buýurmaz). (Her kimiň) gazanan (ýagşy işi) öz bähbidine, gazanan (erbet amaly) hem öz zyýanynadyr. Eý, Perwerdigärimiz! Eger biz unudyp ýa-da ýalňyşlyk bilen (günä iş) etsek, bizi tutma (hasaba çekme)! Eý, Perwerdigärimiz! Bize, bizden öňküleriň (üstüne) ýükleýşiň ýaly bize, agyr ýük (buýruk) ýükleme! Eý, Perwerdigärimiz! Bize**

---

(1) Muhkem- Başga delillere mätäç bolmasyzdan manysyna düşünip bolýan deliler.
(2) Muştebih- Manysyna düşünmek üçin başga delillere mätäç bolan deliler.
(3) Sahyh Buhary

**güýjümiziň ýetmejek zadymyzy hem ýükleme! Biziň (günälerimizi) bagyşla! Bizi ýalka! Bize rehim et! Sen biziň Hojaýynymyzsyň! Kapyrlardan (üstün çykmaga) bize kömek et!”** (Bakara 286)

# 6-njy sebäp

Alyma delil ýetibem, ol ýeten delile başga garşy gelýän delil has güýçli hasap etmegi. Ýagny bir alyma delil ýetip, ýöne ondan başga güýçli delile garşy geleni üçin ol ýeten delili alman, ondan güýçli delili almagy ýada Ijmag ýetip, başga ondan güýçli ijmaga garşy geleni üçin alman biler.

Bu bolsa Ymamlaryň arasynda diýseň köp bolan. Muňa mysal: “Guluň şaýatlygy kabul etmekligi ijmag (bir agyzdan goldanan)” diýmekleri, başgalaryň bolsa: “Guluň şaýatlygy kabul edilmezligi ijmag” diýmekleri. Sebäbi käbiri, bir meselede öz töweregindäkiler bilen pikiri deň gelse, şoňa ijmagdyr öýtmegi bilen bu mesele ijmag diýip goýbermegi. Aslynda bolsa tersi ijmag bolup hem biler.

Muňa ýene bir mysal Ibn Abbasyň (Razyýallahu anhu) artmak ribäsi (süýthorlygy) baradaky pikiri bolup biler. Allahyň Resuly (Sallallahu aleýhi we sellem): **“Ribä diňe elden-ele alynman, yzy goýmakda bolýandyr”** diýen, başga hadysda bolsa: **“Ribä hem artmakda hem elden-ele alynman, yza goýmakda bolýandyr”** diýen.

Ibn Abbasdan (Razyýallahu anhu) soňra ähli alymlar bir agyzdan ribäniň iki görnüşiniň bardygyny bir agyzdan goldadylar. Olar: Artmak ribäsi we elden-ele bolman, yzy goýmak ribäsi. Emma Ibn Abbas (Razyýallahu anhu) ribäniň diňe bir görnüşiniň bardygyny aýdan, ol bolsa: Artmak ribäsi. Egerde bir bedre bugdaý bilen 2 bedre bugdaýy elden ele berip çalyşsaň, Ibn Abbasyň garaýşynda (Razyýallahu anhu) zeperi ýok. Sebäbi ol artmaklyk ribäsiniň bardygyny kabul etmedik. Edil şolar ýaly Ibn Abbasda (Razyýallahu anhu) 5 gram gyzyly 10 gram gyzyl bilen elden-ele çalşylsa ribä bolmaz, ýöne elden ele bolman, almagy yza goýulsa ribä bolar. Ýagny sen maňa gyzyly elime berseň, menem gyzyly saňa soň bersem ribä bolar. Ibn Abbas (Razyýallahu anh) birinji hadysdaky “diňe” diýen söze daýanyp başga zatda ribä bolmaýanyny öňe süren, emma başga hadyslarda artdyrmak ribäsiniň bardygy hem geldi. Ol hadyslardan Allahyň Resulynyň: **“Kim artdyrsa ýada artdyrmaklygy talap etse ribä düşer”** diýen sözüdir.

Biziň Ibn Abbasyň (Razyýallahu anhu) tutunan hadysa babatynda şeýle diýýäris: “Jähilýet döwründe edilýän has erbet ribä elden-ele alynman, yza goýulma ribäsi” diýip açyklaýarys, emma artdyrmak ribäsi günä bolsada edil yza goýma ribä ýaly günä däldigini aýdýarys.

# 7-nji sebäp

Alymyň gowşak hadysy almagy ýada delil tutunyşy gowşak bolmagy.

Bu hem diýseň kän. Gowşak hadysa almak babatyna mysal görnüşinde tesbih namaz bolup biler. Käbir alym bu namaza mustahab diýen, bu namaz iki rekagat bolup, her rekagatda Fatyha surasyny okanyňdan soňra, 15 gezek tesbih aýtmagy, edil şolar ýaly hem rukuda we sežde-de tesbih aýtmagy ýada şuňa meňzeş, sebäbi men dinimizde beýle namazyň ýokdygyny bilenim üçin doly ýat almadym. Käbir alymlar bolsa bu namaza ýigrenilýän bidgat görýärler. Sebäbi bu baradaky gelen hadys sahyh däl. Bidgat görenlerden Ymam Ahmet (Rahymahullah): “Pygamberden bu hadys sahyh bolmadyk” diýdi, Şeýhul-Yslam Ibn Teýmiýýe (Rahymahullah): “Bu hadys Allahyň Resulynyň adyndan ýalan sözlenen hadys” diýdi,... Şeýhul-Yslam Ibn Teýmiýýe (Rahymahullah): “Bu namazy (4) Ymamlaryň birem mustahab görmedi” diýdi.

Bu mysaly getirmegimiň sebäbi, bu barada erkeklerden we zenanlardan gelýän sorag köpeldi, bidgat zadyň dinimize girmeginden gorkup getirdim, men hem muňa bidgat diýýärin, beýle diýmegim käbir adamlara agyram gelse diýýärin, sebäbi Kuranda we sünnetde bolmadyk zady din tutmaklyk bidgatdygyna ynanýarys.

Ýened-e hadys sahyh bolup, ondan çykarylan delil gowşak bolmagy, muňa mysal: **“(mallarda) enäniň damagy çalynmagy göwredäkiniň damagy çalynmagydyr”** diýen hadys, Alymlara bu hadysdan ene malyň damagy çalynsa, göwredäkiniň damagy hem çalyndygy hasabynda, sebäbi göwredäki öli çykanyň damagyny çalmakda peýda ýok. Alymlardan bu hadysdan: “Göwredäki hem edil ene ýaly damak çalynmalydyr” diýlip düşünenler, bu hadys sahyham bolsa çykarylan delilleri güýji gowşak, sebäbi damak çalmakdan maksat ganyň atylyp çykmagy, enäniň damagy çalnanyndan soňra, göwredäki çykanyn damagy çalynsada gan atylyp çykmaýar.

Allahyň Resuly (Sallallahu aleýhi we sellem) aýtdy: **“(Damak çalnyp) Gan atylyp çykarylandan we Allahyň ady tutulandan iý”** diýdi.

Şu sebäpleri agzamak isledim, mundan başga sebäpler hem kenary bolmadyk deňiz ýaly diýseň kän, ýöne biz bu babatynda özümizi nähili alyp barmaly?

Alym bolmasa-da alym hasap edilýänler dälde, dinlerine we ylymlaryna ynanylýan adamlar babatynda iki zat aýdyp bileris:

1- Nädip ol alymlar Allahyň kitabyna we Resulynyň (Sallallahu aleýhi we sellem) sünnetine garşy gidip bildiler? Bu boljak zat däl, jogaby ýokarda agzan sebäplerimiz we başga agzamadyk sebäplerimiz bolup biler.

2- Haýsy alyma eýermeli? Delili bilen kişi ymamlara garşy bolsada ijmaga garşy bolmasa delile eýermegi wajyp. Kim Allahyň Resulynden (Sallallahu aleýhi we sellem) başganyň sözi ýerine ýetirmek meselede we taşlamak meselesinde boýun bolmak wajyp görse, oňa Allahyň Resulyna (Sallallahu aleýhi we sellem) berlen mahsus zady berdigi bolar.

Beýle diýmegimiz, delil okan kişi men eýle, men beýle, düşünýän diýibermelimi? Ijtihad guraly bolmadyk, beýle zatlar etmegi erbetlige iterip biler. Bu babatynda adamlar 3 bölek, olar:

1- Allahyň düşünje we ylym beren alymy

2- Deňiz sypatyndaky alymlaryň derejesine ýetmedik ylym öwrenip ýören.

3-Şeýle adamlar.

1nji bölekdäkiler, ijtihat edip bilýärler, gaýtam bular deliliň gönükdiren zadyny aýtmaklary, adamlardan kime garşy gelsede aýtmaklary wajyp bolýar.

2-nji bölekdäkiler, Bular umumy we bagly gelen delilleri alyp bilerler, ýöne alymlardan sorap durmaly, belkem ýalňyşyp hem biler...

3-nji bölekdäkiler, ylym bolmadyklar, Alymlardan sorap durmaly bolýarlar, Allah Tagala aýtdy:

**“Egerde bilmeseňiz alymlardan soraň”**

Bularyň wezipesi soramak, ýöne kimden soramaly? Alym diýilýän kän, kim hakyky alym?

Jogap: Kim dogra (haka) ylmy, edebi we dini bilen has golaý bolsa şondan hem soramaly.

Iň soňunda ilki özüme we musulman doganlaryma bir mesele çyksa howlukman, anygyna ýetip gürlemegi nesihat edýärin, munyň sebäbi Allahyň adyndan ylymsyz geplenmezligi üçindir. Fetwa berýän kişi Allah bilen adamlaryň arasyndaky ortakdyr, Allahyň Resulynyň (Sallallahu aleýhi we sellem): **"Alymlar pygamberleriň mirasdüşerleridir"** diýişi ýaly, Allahyň dinini olara ýetirýändirler.

Allahyň Resuly (Sallallahu aleýhi we sellem):

**"Kazy 3 sanydyr, biri Jennetde ol bolsa, haky bilip şo bilen höküm eden.."** diýdi,

Ýenede bir mesele çyksa Allaha ýalbarmak, sana öwretmegi, ylmyňy artdyrmagy üçin ýüregiňi Oňa doly ymtyldyrmak hökmandyr. Sorag soralýan bolsa köp bagyşlanmagyny dilemelidir.

Allah Tagala aýtdy:

**"Biz bu kitaby saňa ynsanlaryň arasynda Allahyň saňa görkezişi (buýruşy) ýaly höküm etmegiň üçin, hak (we hikmet) bilen inderdik. Sen haýynlaryň goraýjysy bolma! Allahdan (günäleriňi geçmegi üçin) bagyşlanmak sora! Takyk, Allah Bagyşlaýjydyr, Rehim-şepagatlydyr."** (Nisä 105-106)

Sebäbi Allahdan bagyşlanmak soramak nadanlyga we ylmy unutmaklyga eltýän günäleriň eserlerini ýok edýär.

Allah tagaladan maňa we size tewfik we berklik, bu dünýäde we ahyretde berk dogry sözi we ýüreklerimizi dogry ýola salanyndan soňra gyşartmazlygyny we bize rehim etmegini dileýärin.